# Ýalňyşymy ýatladan ýagyş / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýalňyşymy ýatladan ýagyş / hekaýa

ÝALŇYŞYMY ÝATLADAN ÝAGYŞ

Ýagyşyň ýagşy ýatlamalarymy ýatlatdy…
Daňdanara daşarda dowul deý dükür-de-dükür, dükür-de-düküri dynman, dünýege dergazap dyrjaşýardy.
Üçekden üzülýän ünjüler üznüksizdi. Şonda-da, şol şabyr-şabyrda-da şatlanmak şatlandym.
Irden işdämen iýip içdim. Sagada seretdim, sanlyja sekuntlardan sekizdigini saýgaramsoň saçlarymy sypalaşdyryp, sumkamy süpürişdirdim. Geýimlerimi geýişdirip, garanjaňlap gaýtdym…
Ýolda ýegenim Ýeňiş ýanyma ýakynlaşyp ýüzlendi.
– Mekdebemi, mün maşyna!
– Bolýar.
Baranymda Bahar bagdady. Gelerime garaşypdyr. Ýöräp ýanyna ýakynlaşanymda
– Gudrat, geldiňmi, garaşmak garaşdyrdyň-a.
– Bahar, bagyşla, biraz bökdendim.
Bahar: – Bagyşlaman bolarmy? Özüm “Özümden” öýkelemerin-ä…
Biz bahar bilen biri-birimize baglanmak baglanypdyk. Ol ortaboýly owadanjady. Marlary mahmaldanam mymykdy. Gaşlaryna garanyňdan girdaba gaçanyňam gowudy. Biz, biri-birimizi belläpdik. Söýgimizi saklajakdygymyza sözleşipdik…
Okuwymyzy okadyk. Sapak soňlanansoň synpdaşlardan saýlandyk. Daşarda damjalar dynman dökülýärdi. Bahar bagtyýar bakdy-da,
– Ýör, ýagyşa ýuwulyp ýoldan ýöräli!
– Bor, bileje bolsak bolýar.
Biri, bileje biri-birimize bakyşyp, barýanymyzy bilen bolary. Gahar-gazaply gykylyk geldi. Ejem eken. Ejem ellerimize

esetdi. Gahary geldimi, garaz, garalyp gaşlaryny galdyrdy. Salama-da seretmezden,
– Utanaňokmy ululardan, uýatsyz. Gudrata golaýlaşanyňy gaýdyp görmäýin!
Dür däneleri dynman düzüldi durdy. Ýagyşyň ýokardan ýagyşy ýaşlary ýapdy. Bahara beýdimäň! Degmäň dünýäme, degmäň, diýip dillenmedim. Bahar bärik bakdy. Sandyrady, soň sowukgan sesli,
– Bor, bagyşlarsyňyz!
Gamgyn garady-da göni gitdi…
Ejem elewiräp,
– Bahardan başgasy bolmaýamy. Oglum olar olam-a. Bil, Bahar bize bolmaz. Aklyňdan azaşma, aýlakdan al. Tirämizden tap. Atalarymyzyň adatyndan aýrylma…
Bahar bolsa-da bagtly bolsam bolýar-a. Dünýäm duzsuz-a dünýämsiz diýmedim. Dijekdim… Ýöne, ýöne…
Diýsem dünýäm düňderijek deý dergazapdy.
Göwün galam guma garyldy, gorky gaplady…
Bahar bolsa başga biriniň bagty boldy…
Ýatlamalarymy ýatladan ýagyş ýene-de, ýaramy ýaňadandan ýaralap, ýalňyşymy ýatladyp, ýüregime ýapylan ýapynjany ýyrtyp, ýadaman ýagýardy…

Ahmet ARAZOW.

Hekaýalar